# Orta Aziýa syýahat -7/ dowamy

Category: Kitapcy,Ýol ýazgylary
написано kitapcy | 23 января, 2025
Orta Aziýa syýahat -7/ dowamy ORTA AZIÝA SYÝAHAT

VIII bap

Eýýäm birnäçe sagadyň dowamynda alysdan eşidilýän gök gürrüldisi ýarygije uçurlary biziň üstümize geldi. Pat-pat edip daman iri ýagyş damjalary biziň teşnelik ejirinden dynanymyzyň buşlukçysydy. 24-nji maýda biz özümize üç günläp hunaba ýuwutdyran çöllügiň çetine çykdyk. Toýunsow topraga gadam basdygymyz, kak suwuna duşjagymyza ynamymyz bardy. Kerwenbaşynyň keýiklerdir gulanlaryň köpsanly yzlaryny saýgarmagy şol ynamymyzy tekrarlaýardy. Ol öňe okduryldy-da, ilkinji bolup kiçijik kölçäniň üstünden baryp: «Suw! Suw!» diýip, kerwene buşlady. Entek dodaklarymyzy ölläp, teşneligimizi gandyrmadygam bolsak, öňki howsalamyz zym uçan ýaly bolup, ählimiz şatlygymyzdan ýaňa gygyryşýardyk.
Günortan düşmeli ýerimize ýygnandyk. Soňra ýagyş suwundan dolan kölçeleriň ýenede birnäçesini tapdyk. Men käsämdir meşigimi häzirläp, ilkinji bolup, suwa tarap okduryldym. Beýtmekden maksadym – her kim ýerli-ýerden käselerini suwa batyryp, bulandyraýmankalar meşigimi doldurmakçydym.
Ýarym sagat geçensoň, hemmämiz ertirlik naharyna oturdyk. Häzirki ýagdaýymyzyň biz üçin nähili lezzetlidigini beýan edäýmek aňsat düşmese gerek. Däli Ata atlandyrylýan düşlegimizden Hywa çenli aralykda meşiklerimiz hemişe suwdan doly boldy. Syýahatymyzam hemişe o diýen bolmasada, iň bärkisi, üýtgeşik ejirlihä bolmady.
Agşamlyk baryp ýeten ýerimizde bahar özüniň ähli ajaýyplygy bilen hökümini ýöredýärdi. Biz daş-töweregi gök otlar bilen jäheklenen san-sajaksyz kölçeleriň ortasynda düşledik. Häzirki ýagdaýymyz düýnki günümiz bilen deňeşdireniňde, birhili, düýşe çalym edýärdi. Hemmesinden ýakymlysam – indi üstümize çozulmak howpundan halas bolandygymyz baradaky habardy. Öler ýaly

gorkýan belamyzdan dynanam bolsak, ýene bir gije ot ýakmazlygymyzy haýyş etdiler. Çöl perzentleriniň garaşylmadyk ýerden beýle bol suwa duşmagymyza biziň takwa hajylygymyzyň netijesi saýýandyklaryny belläsim gelýär. Biz meşiklerimizi suwdan dolduryp, diýseň keýpi kök halda ýola düşdük.
Şol günüň agşamsy biz köpden bäri ýetmegi arzuwlan jarymyzyň gyrasyna bardyk. Onuň aňyrsyndan Gaplaňgyr, şol jardan bolsa Hywa hanlygynyň çägi başlanýardy.
Üç ýüz fut çemesi belentlikdäki tekizlige çykmak adamlarada, haýwanlarada juda azap berdi. Ol tekizlik adatdan daşary üýtgeşikdi. Ol ýerden tä gözümiziň ýetýän ýerine çenli aralygy synlanymyzda, biz göýä çäge deňziniň ortasyndaky adada duran ýalydyk. Çuň jaryň gutarýan ýerini synlamaga mümkinçiligimiz ýokdy. Şonuň üçinem onuň Amyderýanyň gadymy hanasydygy, Gaplaňgyryň bolsa birçaklar ada bolandygy baradaky türkmenleriň gürrüňlerine ynanmazlyga hiç hili delilimiz ýokdy.
Ol ýerleriň topragynyň düzümi, ösümlikleri hem haýwanlarynyň köpdügi babatda çölüň beýleki ýerlerinden tapawutlanýandygy görnetin bildirip durdy. Iki-ýeke ýada kiçiräk topar bolup ýören keýiklerdir gulanlary biz ozalam görüpdik. Ýöne olaryň şol ýerde süri-süri bolup ýörmegi meni haýran galdyrdy.
Gaplaňgyra baranymyzyň ikinji güni bolsa gerek – günortanlar demirgazyk tarapda ägirt uly tozana gözümiz düşdi. Kerwenbaşy hem beýleki ähli türkmenler ýaraga ýapyşdylar. Gorkunç tozan golaýlaşdygyça, biziňem howsalamyz artýardy. Ahyrsoňy üstümize bosup gelýän ol agyr ýygynyň nämedigini saýgardyk. Kerwenimiziň baştutanlary ýaraglaryny aşak ýatyrdylar. Men gündogar häsiýetine wepaly boljak bolup, bilesigelijiligimi daşyma çykarman, näçe çytraşsamda, içimi it ýyrtýardy.
Tozan barha golaýlaşyp gelýärdi. Elli metr aralyk galanda göýä diýersiň, ala tapyrdy bolup gelýän müňlerçe atly edil buýruk berlen ýaly, birden togtady. Dogry hatarlara düzülen ummasyz köp sanly gurat gulanlara gözümiz düşdi. Olar birnäçe minutlap bizi üns bilen synladylar-da, bütinleý başga hili jandardygymyza göz ýetirip, günbatar tarapa peýkam ýaly süýnüp gitdiler.

Eger Hywa tarapdan syn etseň, Gaplaňgyr göni diwara çalym edýär. Onuň çet gyralary gözýetime ugurdaş bolup, göýä diýersiň, suwy dek düýn çekilen ýaly, şeýle endigan, tekiz.
Bir gün soň, 28nji maýda ir bilen gönüburçly giňligi on iki iňlis miline barabar bolan Şorköle ýetdik. Biz musulmanlar üçin hökmany bolan gusul däbini ýerine ýetirmek üçin ol ýerde alty sagatlap düşlemegi makul bildik. Üstesinede, ol gün ys-lamyň iň esasy baýramlarynyň biri bolan Gurban baýramydy. Ýoldaşlarym düwünçeklerini çözüp, ondan arassa köýneklerini çykardylar. Alaýaýyn diýenimde-de, meniň düwünçegimde arassa geýim-gejim ýokdy. Bilal hajy maňa öz köýnekleriniň birini hödürledi. Göze dürtülip duran garyplygym şübheden has ygtybarly gorar diýen pikire ten berip, men köýnegi almakdan boýun towladym.
Ýüzüme siňen kirdir çägäniň galyň gatlagyny aýnada synlap, gülkimi saklap bilmedim. Dogrymdan gelsem, çölüň içinden geçip barýarkak, häli-şindi ýuwnara ýagdaýym ýok däldi. Ýöne: «Kir meni ýakyp-ýandyryp barýan jöwzadan oňat gorar» diýen pikire eýerip, bilgeşleýin ýuwunmazdym. Emma onuň haýry degmedi.
Şol syýahatymda başdan geçiren ejirlerimden köp zatlar maňa ömürlik ýadygärlik galdy. Diňe bir men däl, eýsem ýoldaşlarymam teýim etmek däbini berjaý edip, hasda betnyşan hala düşdük. Sebäbi dindarlar çägedir kirşene ýuwnup, hapa has beter bulanýardylar. Täret kylyp bolanymyzdan soň, dostlarymyň özüm bilen deňänimde, has sypaýy görnüşdediklerini gördüm. Olar bu bolşuma haýpy gelip, her hili geýim-gejim hödürlediler. Ýöne men olaryň hödürinden ýüz dönderdim. «Meni tä Hywa hanynyň özi geýindirýänçä garaşjak» diýdim.
Biz dört sagat bäri ýylgyn jeňňelliginiň içi bilen gidip barşymyza bir hywaly özbege gabat geldik. Ol bizi Hywadaky ýagdaý bilen tanyşdyrdy. Atlyny görmek biz üçin her näçe ýakymlam bolsa, ony günortan naharyndan soň, birnäçe taşlandy jaýlara gözümiz düşendäki başdan geçiren duýgymyz bilen deňeşdirer ýaly däl. Sebäbi Parsystanyň serhedindäki Garadepeden çykalymyz bäri öýi ýatladýan hiç zada gözümiz düşmändi. Birnäçe ýyl mundan ozal ilat ýaşan bu jaýlar gündogar tarapdaky Mädemin obasynyň bir bölegi eken. Halys

ideg edilmedik bu ýeri on bäş ýyl mundan ozal Muhammedemin öz eline alyp, gysgaldylan adyny dakypdyr. Iň soňky uruş Türküstanyň beýleki köp ýerlerinde bolşy ýaly, bu obany hem tozduryp, gum-gukluga öwrüpdir.

Şol gün irden (29njy maýda) men «Demirgazyk gündogara – ýagny, Hywa tarapa dälde, dogry demirgazyga barýarys öýdýän» diýip oýlandym. Ondan-mundan soraşdyryp, howpsuzlyk üçin öwrümli ýoly saýlap alanymyzy anykladym. Düýnki gabat gelen özbegimiz bize ägä bolmagy maslahat beripdi.

Şol gün agşam biz gorkudan bükgüldäp, ýolumyzy dowam etdik. Ertesi irden bolsa sagda-solda gurlan çadyrlary görüp, diýseň begendik. Ähli ýerde «Hoş geldiňiz!» diýip, şatlyk-şowhun bilen garşylaýardylar. Bu ýerdäki ilatyň köpüsi bilen gowy tanyş ýoldaşymyz Ylýas haýal etmän gyzgyn çörekdir beýleki azyklary tapmagyň ugruna çykdy. Oljasy oňup gelensoň, ol bize et, çörekdir gymyz paýlady. Bir sagat geçip-geçmänkäde, keramatly hajylar bolan biziň elimizi ogşamak üçin dindar çarwalar daşymyzy gurşady. Dört-bäş gezek pata berenimden soň, maňa az-owlak çörek, birnäçe bölegem düýe, ýaby hem goýun etini berdiler.

Ýolda birnäçe ýabyň üstünden geçip, günortana golaý Hanabat atlandyrylýan boş gala ýetdik. Onuň belent, dörtburç diwarlary üç mil çemesi aralykdan görünýärdi. Biz uzak günümizi hem agşamymyzy şol ýerde geçirdik. Gün ýakyp-ýandyryp barýardy. Düşegiň gaty ýer, ýassygyň daş bolsada, diwaryň kölegesinde irkilmek diýseň lezzetlidi! Biz Hanabatdan Gün dogmanka çykdyk. Gala Hywadan bary-ýogy ýigrimi bäş mil aralykda ýerleşen hem bolsa, uzak günüň dowamynda ýekeje çadyrada gözümiz düşmedi. Agşamara biz ýenede çäge alaňlaryna maňlaýymyzy diredik. Men ýene özümi çöldemikäm öýtdüm.

Çaýlap oturan wagtymyz birden örä kowan düýelerimiz howsala düşüp, gapdalymyzdan patanaklaşyp geçdiler. Biz olary kimdir biri ürküzendir öýtdük. Dogrudanam, tizden bize tarap gelýän bäş atla gözümiz düşdi. Ýerli-ýerden çaýlarymyzy goýup, ýaraglarymyza ýapyşdykda, göni hatara düzüldik. Atlylaryň gelşi haýaldy. Tizden olaryň başda çak edişimiz ýaly, duşman däldiklerini bildik. Ol atlylar Hywa çenli bizi goraglamak

üçin iberilipdir.
Ertesi gün irden (30njy maýda) biz özbek obasyna ýetdik. Kümüşdepe bilen Hywanyň arasyndaky çöl şol ýerde gutarýardy. Ol obanyň ilaty meniň gören ilkinji özbeklerimdi. Özlerem örän oňat adamlar. Ýurduň däbine eýerip, biz ähli öýe girip çykdyk, doga okap, köpsanly sadaka ýygnadyk. Ol ýerde özüme mähriban bolan Günbataryň birnäçe zadyny görüp, ýüregim şatlykly gürsüldedi. Biz şol günüň özünde Ylýasyň öýüne ýetip biljekdik. Sebäbi Hywa ýomutlarynyň ýaşaýan, Akyýap atlandyrylýan obasy şol ýerden başlanýardy. Ýöne biziň dostumyz garaşylmadyk myhman bolup barmazymyz ýaly, bilgeşlin haýal-ýagal deprenýärdi. Şoňa göräde, biz onuň obasyndan iki mil daşlykda, daýysy Allanazar baýyňkyda düşledik. Onuň tutjar baý daýysy bizi güler ýüz bilen garşylady.
Ylýas şol aralykda aýalyny görmek hem biziň barjagymyzy habar bermek üçin öýlerine gitdi. Biz onuňkyda ertesi gün irden (1-nji iýunda) düşledik. Onuň san-sajaksyz dogan-garyndaşlarydyr tanyşlary bizi garşylamaga çykdylar. Olar maňa ýaşar ýaly gowy, arassa çadyr görkezdiler. Ýöne men bagda bolanymy kem görmedim. Sebäbi köpden bäri zar bolanym üçin kalbym kölege küýseýärdi.
Ýarym oturymly türkmenleriň arasynda bolanymdan soň (meniň beýle diýýänlerim – öz öýlerinde diňe wagtlaýyn ýaşaýanlar) meni ähli zatdan beter çarwalaryň öýi ýada salýan zatlardyr dogry durmuş ýörelgesini alyp barýanlara bolan ýigrençleri geň galdyrdy.
Biraz dynç alyp, kerwenimiz paýtagt tarapa ýola düşdi. Biz her hepde-de bazar bolýan hem ähli babatda Hywa durmuş edähedi agalyk edýän Gazawadyň üstünden geçdik. Biz gijämizi Şyhlar galasynyň öňündäki öleňlikde geçirdik. Men bu ýerdäki ýaly köp hem gaty çakýan çybynlara häzire çenli hiç ýerde gabat gelmändim. Olar uzak gije adamlarada, haýwanlarada näçe diýseň ejir berdiler. Birnäçe sagadymy çirim etmän geçirenim üçin, ir bilen düýä münenimde ýagdaýym meňki bolsun diýerlik däldi. Bagtymyza, bahar paslynyň ajaýyplygy tiz wagtdan çeken ejirlerimizem, ukusyzlygymyzam unutdyrdy.
Hywa golaýladygymyzça, otlar barha ösgün görünýärdi. Men öz

ýanymdan: «Çölüň henizem göz öňünde gaýmalaýan ýowuz keşbi bilen deňäniňde, Hywa diýseň ajaýypdyr» diýip oýlanýardym. Emma beýle däl eken. Hywanyň gyrak çetleriniň berkitmä çalym edýän, boý derekleriň kölegesine çümüp oturan kiçijik howlulary, ajaýyp öleňlerdir meýdanlary (Ýewropanyň gözel ýerleriniň ençemesinde bolup görenem bolsam), şol ozalky görküni ýitirenok. Bu ýerler Gündogar şahyrlaryna has üýtgeşik ylham berse gerek[1]
[[1]Eser gysgaldylyp alyndy]

Soňy.

Arminiý Wamberi

Terjime eden: Kakabaý Gurbanmyradow Ýol ýazgylary